#94 (116)
среда, 12 октября 2022 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана




# ПРЕЗИДЕНТ СЕРДАР БЕРДЫМУХАМЕДОВ ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ В НЕФОРМАЛЬНОЙ ВСТРЕЧЕ ГЛАВ ГОСУДАРСТВ СНГ

7 октября Президент Сердар Бердымухамедов отбыл с рабочим визитом в Российскую Федерацию, где принял участие в неформальной встрече глав государств Содружества Независимых Государств, проводимой в городе Санкт-Петербург.

В Международном аэропорту Ашхабада главу Туркменистана провожали официальные лица.

Под руководством Президента Сердара Бердымухамедова наша Отчизна последовательно претворяет в жизнь внешнеполитический курс, основанный на принципах миролюбия, позитивного нейтралитета и широкого взаимовыгодного сотрудничества. В этой конструктивной стратегии большое значение придаётся укреплению многопланового партнёрства в рамках авторитетных международных организаций и структур.

Являясь в соответствии со своим нейтральным статусом ассоциированным членом СНГ, Туркменистан занимает активную позицию в вопросах развития плодотворного взаимодействия на пространстве Содружества с учётом имеющегося солидного потенциала. С государствами СНГ нашу страну объединяют традиционные узы дружбы и добрососедства, тесные историко-культурные связи, что служит прочным фундаментом для углубления взаимовыгодного сотрудничества, обогащения его содержания.

…Через несколько часов президентский авиалайнер приземлился в Международном аэропорту «Пулково» города Санкт-Петербург, где главу Туркменистана встретили официальные лица.

Из воздушной гавани Президент Сердар Бердымухамедов направился к месту проведения нынешнего неформального Саммита СНГ – Константиновскому дворцу.

Этот архитектурный памятник XVIII века – основная составляющая дворцово-паркового ансамбля в Стрельне. Над проектом комплекса работали известные европейские архитекторы. В современную эпоху в результате осуществлённых масштабных работ по реставрации и реконструкции этот исторический ансамбль был возрождён и обрёл статус государственной резиденции.

В настоящее время Константиновский дворец является архитектурной доминантой Государственного комплекса «Дворец конгрессов», который распахнул свои двери к 300-летию Санкт-Петербурга. Здесь проводятся важные мероприятия, в том числе встречи на высшем уровне, а также конференции, культурные форумы и др. Примечательно, что ГК «Дворец конгрессов» также доступен для публичного посещения и экскурсий. Сегодня Константиновский дворцово-парковый ансамбль является одним из значимых туристических объектов Санкт-Петербурга.

Для участия в нынешней встрече в верхах в Санкт-Петербург также прибыли Президент Азербайджанской Республики Ильхам Алиев, Президент Республики Беларусь Александр Лукашенко, Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев, Президент Республики Таджикистан Эмомали Рахмон, Президент Республики Узбекистан Шавкат Мирзиёев, а также Премьер-министр Республики Армения Никол Пашинян.

Руководители государств СНГ приглашаются в Мраморный зал, где состоялся неформальный Саммит.

Открывая встречу, Президент Российской Федерации Владимир Путин ещё раз тепло приветствовал его участников. Выразив всем признательность за принятое приглашение посетить Санкт-Петербург, глава России отметил, что нынешняя встреча даст возможность в дружеской обстановке обменяться мнениями по актуальным вопросам сотрудничества на его приоритетных векторах, «сверить часы» перед предстоящим на следующей неделе в Астане ежегодным полноформатным заседанием Совета глав государств СНГ.

Сегодня повестка партнёрства на пространстве Содружества включает широкий спектр направлений, решение задач по реализации достигнутых договорённостей, в том числе на межгосударственном уровне.

В данной связи следует отметить, что за последние годы Туркменистан также неоднократно становился местом проведения важных встреч, форумов и различных мероприятий под эгидой СНГ. Стремясь всецело способствовать наращиванию эффективного взаимодействия, наша страна регулярно выдвигает конкретные предложения, направленные на выработку новых актуальных форм партнёрства, претворение в жизнь перспективных совместных проектов.

Здесь в качестве одного из наглядных примеров можно привести Декларацию о стратегическом экономическом сотрудничестве государств-участников СНГ, инициированную Героем-Аркадагом. Напомним, что этот концептуальный документ был единодушно одобрен и принят по итогам Саммита Содружества, состоявшегося в Ашхабаде в октябре 2019 года, в котором наша страна председательствовала в СНГ. Именно на ключевых принципах вышеназванной Декларации базируется Стратегия экономического развития СНГ до 2030 года, конкретизирующая основные направления партнёрства с расчётом на долгосрочную перспективу.

Государства Содружества, объединённые географией, исторически сложившимися связями, располагают объективными преимуществами, оптимальное использование которых отвечает интересам общего благополучия. На это в первую очередь и нацелены инициативы Туркменистана по выводу сотрудничества в рамках СНГ на более широкие географические и экономические горизонты. Ввиду имеющегося потенциала приоритетными сферами здесь выступают транспорт, коммуникации и логистика, энергетика, промышленность, инфраструктура. Большие возможности существуют также для активизации инвестиционной деятельности, дальнейшего увеличения взаимного торгового оборота, расширения его товарной номенклатуры.

Наряду с этим неотъемлемой составляющей партнёрства неизменно является гуманитарная область. Взаимодействие в сферах науки и образования, культуры и искусства, молодёжной политики, а также здравоохранения и спорта – важный фактор сближения стран и народов, упрочения уз дружбы и доверительных отношений между ними. Накопив в этих направлениях солидный опыт плодотворного сотрудничества с государствами Содружества, Туркменистан намерен и далее его эффективно задействовать и развивать.

Сегодня особо актуальным также видится углубление контактов по линии внедрения передовых технологий. Это продиктовано самим ходом современного глобального развития, где цифровизация, инновации и технологическая креативность служат синонимами эффективности, конкурентоспособности и успеха.

Не менее значимой сферой взаимодействия является экология. Наряду с экономической и социальной составляющими экологический фактор определён в числе взаимосвязанных компонентов Целей устойчивого развития. Ныне вопросы, касающиеся обеспечения экологической безопасности, изменения климата и преодоления его последствий, требуют особого внимания, и наша страна вносит действенный вклад в консолидацию усилий в поиске их сбалансированных решений.

В контексте партнёрства в формате СНГ Туркменистан также выступает за стимулирование и интенсификацию связей по линии парламентов, активное задействование в этих целях опыта Межпарламентской Ассамблеи Содружества.

Примечательно также, что Миссия наблюдателей от СНГ регулярно участвует в проводимых в нашей стране избирательных кампаниях. В частности, в нынешнем году представители Содружества в числе международных наблюдателей осуществляли мониторинг важнейшей общественно-политической акции – выборов Президента Туркменистана.

Вместе с тем уместно отметить, что государства Содружества конструктивно сотрудничают на площадках международных и региональных организаций, оказывая друг другу взаимную поддержку. Так, страны СНГ неизменно поддерживают инициативы, выдвигаемые Туркменистаном в рамках ООН, других авторитетных структур и нацеленные на реализацию созидательного потенциала нейтралитета, обеспечение мира, безопасности и устойчивого развития в региональном и глобальном измерении.

Таким образом, состоявшийся в Санкт-Петербурге неформальный Саммит СНГ вновь наглядно продемонстрировал приверженность нейтрального Туркменистана плодотворному диалогу на пространстве Содружества, также подтвердив намерение стран-участниц встречи в дальнейшем укреплять и развивать взаимовыгодное сотрудничество по всему его спектру.

По завершении программы рабочего визита Президент Сердар Бердымухамедов проследовал в Международный аэропорт «Пулково», откуда отбыл на Родину.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



10-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onuň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi, Prezident Maksatnamasynyň we ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalary amala aşyrmagyň barşy ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlisde wise-premýerleriň, aýry-aýry ministrleriň, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibiniň meselelerine geçip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berdi. Ol şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda milli ykdysadyýetimiziň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, maýa goýum ýagdaýyny gowulandyrmak, maliýe ulgamyny döwrebap ýagdaýa getirmek we Konstitusiýamyza laýyklykda bazar ykdysadyýetini emele getirmegi çaltlandyrmak üçin göz öňünde tutulan giň gerimli özgertmeleriň dowam etdirilmelidigine wise-premýeriň ünsüni çekdi. Bäsdeşligi ösdürmek, işewürlik ýagdaýlaryny gowulandyrmak, telekeçileri giňden goldamak boýunça başlanan işler hem dowam etdirilmeli diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow ýurdumyzyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyny ýerine ýetirmek boýunça geçen dokuz aýda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz toplumynyň kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny netijeli ulanmagyň hem-de maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmegiň, häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň hasabyna uglewodorod serişdeleriniň täze gorlaryny açmagyň wajypdygyny belledi. Nebiti we tebigy gazy düýpli gaýtadan işlemeli. Kärhanalaryň doly güýjünde we bökdençsiz işlemegini üpjün etmek üçin önümleriň möçberlerini artdyrmaly diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasynyň gurluşygyny çaltlandyrmak we uglewodorod çig malyny gaýtadan işleýän täze zawodlary gurmak barada görkezmeleri berdi.

Şeýle-de hormatly Prezidentimiz wise-premýere toplumda alnyp barylýan işleri seljermegi, işleri talabalaýyk ýola goýmak üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gözegçilik edýän gurluşyk-senagat toplumynda, “Türkmenhimiýa” döwlet konserniniň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň, Aşgabat şäheriniň häkimliginiň şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere garamagyndaky ministrlikleri we pudak edaralaryny ösdürmegiň maksatnamasyny doly seljermegi, 2023-nji ýyl üçin maýa goýum Maksatnamasyny taýýarlamagy tabşyrdy. “Aşgabat-sitini”, ýaşaýyş jaýlaryny we şäherçeleri gurmak üçin taýýarlyk işlerini çaltlandyrmaly diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi hem-de Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň birinji tapgyrynyň ýokary hilli ulanmaga berilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Ýurdumyzda energetika halkasynyň we Türkmenistan — Owganystan — Pakistan elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygyny dowam etmek, gurluşyk we energetika pudaklaryna gönükdirmek üçin maýa goýumlary köpräk çekmek, şeýle-de bu işleri düýpli seljermek öňde duran işleriň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda bellenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän söwda we dokma pudaklarynda, telekeçilik ulgamynda şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wise-premýere ýüzlenip, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlary öndürmek boýunça maksatnamanyň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegiň zerurdygyny, bu maksatnamanyň durmuşa geçirilişi barada her aýda hasabat berip durmalydygyny aýtdy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi senagat we azyk harytlarynyň, oba hojalyk önümleriniň eksportyny has-da giňeltmek boýunça zerur işleri geçirmeli diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady hem-de daşary ýurtlardan getirilýän oba hojalyk harytlarynyňdyr miweleriň ornuny tutýan ýerli önümleri öndürmäge aýratyn üns bermek, bu ugurda netijeli işleri alyp barmak barada görkezme berdi.

Taýýar dokma önümleriniň eksportyny artdyrmak, daşary ýurt bazarlarynda türkmen nyşanlary bolan dokma önümlerini giňden ýaýratmagy üpjün etmek hem ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda görkezildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, saglygy goraýyş ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegi, lukmançylyk ylmynyň öňdebaryjy gazananlaryny iş tejribesine giňden ornaşdyrmagy dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi. Şeýle-de dürli keselleriň, aýratyn-da, ýokanç keselleriň öňüni almagyň, olary anyklamagyň hem-de bejerişiň häzirki zaman usullaryny öwrenmek we netijeli peýdalanmak barada görkezme berildi. Şu maksat bilen, bu ulgamda tejribe alyşmak üçin daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen mundan beýläk-de gatnaşyklary ösdürmek gerek diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynyň şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, tele we radio ýaýlymlarda tomaşaçylary gyzyklandyrýan täze programmalary, şowhunly gepleşikleri taýýarlamagyň, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlan döwrebap medeniýet merkezlerinde we teatrlarda sahnalaşdyrylýan, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän eserleriň sanyny artdyrmagyň zerurdygyna ünsi çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça taslamalaryň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmak barada görkezme berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Aşgabat şäheriniň häkimine paýtagtymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň kabul edilen maksatnamalarynyň we maýa goýum taslamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegini, paýtagtymyzda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky alnyp barylýan işleriň öz wagtynda we ýokary hilli tamamlanylmagyny üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle-de häkime paýtagtymyzy abadanlaşdyrmak işleriniň guralyşyna, jemgyýetçilik ulaglarynyň kadaly işlemegine berk gözegçilik etmek tabşyryldy.

Ahal welaýatynyň häkimi Ý.Gurbanow şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, bugdaý ekişiniň hem-de pagta ýygymynyň barşy barada hasabat berdi.

Balkan welaýatynyň häkimi T.Atahallyýew hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde sebitde maýa goýumlary özleşdirmek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary we içeri syýasatynyň, giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň, şeýle-de Döwlet Maslahatyndaky çykyşyndan gelip çykýan wezipeleriň ähmiýetini wagyz etmek we düşündirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Daşoguz welaýatynyň häkimi N.Nazarmyradow şu ýylyň dokuz aýynda sebitde ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, häzirki wagtda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Lebap welaýatynyň häkimi Ş.Amangeldiýew welaýatda şu ýylyň dokuz aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri, bugdaý ekişiniň we pagta ýygymynyň gidişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyza sebitiň ekerançylyk meýdanlarynda ýaýbaňlandyrylan möwsümleýin işler, hususan-da, güýzlük bugdaý ekişiniň we dowam edýän “ak altyn” hasylynyň ýygymynyň barşy, beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek, şol sanda şaly ekinlerine agrotehniki kadalara laýyklykda ideg etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berildi.

Soňra çykyş eden Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri hem-de oba hojalygynda özgertmeleriň alnyp barlyşy, ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň geçirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wise-premýere hem-de welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, gowaça meýdanlarynda şu ýyl gowy hasylyň ýetişdirilendigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri baradaky hasabaty bilen çykyş etdi. Hasabat döwründe “Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny” durmuşa geçirmek maksady bilen, degişli işler alnyp baryldy.

Halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmeginde ýokary derejedäki saparlara we duşuşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, aprel aýynda Hindistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýurdumyza döwlet saparyny amala aşyrandygy bellenildi. Bu döwürde döwlet Baştutanymyz Russiýa Federasiýasyna we Eýran Yslam Respublikasyna resmi saparlary, Özbegistan Respublikasyna döwlet saparyny amala aşyrdy. Bulardan başga-da, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň dördünji konsultatiw duşuşygyna hem-de Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy üçin, degişlilikde, Gyrgyz Respublikasyna we Özbegistan Respublikasyna iş saparlary guraldy.

Hormatly Prezidentimiziň başlyklyk etmeginde şu ýylyň 29-njy iýunynda paýtagtymyz Aşgabatda altynjy Hazar sammiti geçirildi. Bu duşuşyga gatnaşmak maksady bilen, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidentleriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetler ýurdumyza sapar bilen geldiler. Sammitiň çäklerinde birnäçe ýokary derejedäki ikitaraplaýyn duşuşyklar boldy. Iýun aýynda Gruziýanyň Premýer-ministri resmi sapar bilen Türkmenistana geldi.

Häzirki wagtda möhüm halkara çärelere taýýarlyk görmek boýunça işler dowam etdirilýär.

Türkmenistan abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG bilen hyzmatdaşlygy depginli ösdürýär. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 7-nji iýunynda ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanyldy. Şeýle-de 2022-nji ýylyň 15-16-njy awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahatyň geçirilendigi bellenildi.

Hasabat döwründe hormatly Prezidentimiz birnäçe ýurtlaryň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirdi. 12-nji maýda Aşgabat şäherinde ilkinji gezek Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumynyň geçirilmegi möhüm waka boldy. Hasabat döwründe jemi 126 sany wekiliýet döwletimize sapar bilen geldi. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistandan daşary ýurtlara 199 sany wekiliýet ugradyldy. Göni wideoaragatnaşyk arkaly 1 müň 187 sany dürli derejedäki duşuşyklar geçirildi. Ýylyň dowamynda 97 sany halkara resminama gol çekildi. Daşary syýasy edaralaryň ugry boýunça ikitaraplaýyn geňeşmeler yzygiderli esasda geçirilýär.

Şeýle-de daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek boýunça yzygiderli çäreler amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 23-nji fewralynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherinde geçirilen Bütindünýä Söwda Guramasynyň Baş geňeşiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň bu gurama “goşulyşýan döwlet” (işjeň synçy) derejesine eýe bolandygy bellenildi. Şu ýylyň 15-nji mart-

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

ynda ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň 2022 — 2028-nji ýyllar döwri üçin agzalygyna saýlanyldy. Şeýle-de hasabat döwründe bilelikdäki hökümetara toparlaryň we beýleki ugurdaş düzümleriň çäklerinde yzygiderli işler amala aşyryldy. Ýanwar — sentýabr aýlarynda bu ugurda birnäçe ikitaraplaýyn duşuşyklar we gepleşikler guraldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ähli gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde dostlukly, netijeli gatnaşyklary ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklady. Ata Watanymyz parahatçylyk söýüjilikli, döredijilikli daşary syýasy strategiýany durmuşa geçirmek bilen, goňşy ýurtlar, dünýäniň beýleki sebitlerindäki döwletler bilen netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrýar. Şu ýyl daşary ýurtlara amala aşyrylan ýokary derejedäki saparlaryň we daşary ýurt ýolbaşçylarynyň Türkmenistana guralan saparlarynyň netijeleri munuň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sözüni dowam edip, 2023-nji ýylda boljak saparlara hem-de halkara derejedäki çärelere, Halkara Bitaraplyk gününi baýram etmäge taýýarlyk görmegiň ýokary derejesini üpjün etmegiň zerurdygyny nygtady we bu babatda wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna anyk tabşyryklary berdi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew täze taryhy döwrüň wezipelerini nazarda tutup, milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça ýylyň başyndan bäri geçirilen işler barada maglumat berdi. Halk Maslahatynyň birinji çagyrylyşynyň 3 mejlisi geçirilip, olarda dürli pudaklaryň ösüşine degişli birnäçe kanunçylyk namalary makullanyldy. Bu ugurdaky işler dowam etdirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini üpjün etmek babatda işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy welaýatlar boýunça iş saparlaryny amala aşyryp, adamlaryň durmuş we zähmet şertleri bilen gyzyklandy, sebitleri ösdürmek, ýerlerde işleriňdir hyzmatlaryň hilini hem-de netijeliligini gowulandyrmak boýunça gymmatly maslahatlaryny we tekliplerini berdi, kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça täze wezipeleri kesgitledi.

Hormatly Arkadagymyz ýaşlar bilen yzygiderli duşuşdy, "Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda" Türkmenistanyň Kanuny boýunça pikirleri we teklipleri öwrendi, milli parlamentde täze başlangyçlary öňe sürdi. Bu resminamanyň rejelenen görnüşi döwletiň ýaşlar hakyndaky aladalarynyň aýdyň subutnamasy bolup, ýaşlaryň ertirki güne bolan ynamyny artdyrýar.

Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli daşary syýasat strategiýasyna laýyklykda, parlament diplomatiýasynyň netijeli gurallaryny we usullaryny ösdürmäge, dostlukly ýurtlaryň degişli düzümleri bilen hyzmatdaşlygy alyp barmaga uly ähmiýet berilýär.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy şu ýylyň 25-nji sentýabry — 1-nji oktýabry aralygynda Ýaponiýa iş saparyny amala aşyryp, onuň çäklerinde Ýaponiýanyň Parlamentiniň Wekiller palatasynyň başlygy hem-de Türkmen-ýapon parlamentara dostluk toparynyň başlygy bilen duşuşyklary geçirdi. Hormatly Arkadagymyz parlamentara gatnaşyklary ösdürmek boýunça täze başlangyçlar bilen çykyş edip, parlamentara dostluk toparynyň işini işjeňleşdirmegi hem-de özara gatnaşyklaryň esasy ugurlaryny kesgitlemegi, şol sanda ýaşlaryň parlamentara gatnaşyklaryny döretmek we netijeli ulanmak, parlamentara gatnaşyklarda zenanlaryň ornuny ýokarlandyrmak we durnukly ösüşe ýardam bermek boýunça işleriň esasy ugurlaryny kesgitlemegi teklip etdi.

Şeýle-de Gahryman Arkadagymyz Türkmen-ýapon dostluk toparynyň "Merkezi Aziýa — Ýaponiýa" görnüşdäki dialogynyň çäklerinde parlamentara gatnaşyklary ýola goýmak hem-de bu ugurda bilelikdäki çäreleri yzygiderli esasda geçirmek boýunça başlangyçlar bilen çykyş etdi. Bu teklipleriň ýapon tarapyndan goldanylmagy iki dostlukly ýurduň özara bähbitli hyzmatdaşlygy täze hil derejesinde ösdürmäge ygrarlydygynyň ýene-de bir subutnamasyna öwrüldi.

Şu ýylyň maý aýynda Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumy hem-de zenanlaryň dialogy geçirilip, munuň özi şeýle düzümde parlament gatnaşyklarynyň täze we netijeli görnüşiniň emele gelmegine ýardam etdi.

Halk Maslahatynyň agzalary daşary ýurtlarda saparda bolup, sebit we halkara ähmiýetli parlamentara duşuşyklara gatnaşdylar, kanun çykaryjylyk işinde tejribe alyşdylar.

Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa şu ýylyň dokuz aýynda alnyp barylýan kanun çykaryjylyk işleri barada maglumat berdi. Mejlis tarapyndan durmuş-ykdysady özgertmeleriň hem-de türkmenistanlylaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmak boýunça işleriň hukuk esaslaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen degişli işler geçirildi. Bu döwürde Mejlisiň maslahatlarynyň 3-si geçirilip, şolaryň barşynda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 38-si we Mejlisiň kararlarynyň 21-si kabul edildi.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça işlenip taýýarlanylan hem-de ýaşlaryň ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna doly derejede gatnaşmagy üçin has oňaýly hukuk şertlerini döretmäge gönükdirilen, şeýle-de ýaş nesilleri halkymyzyň ruhy-ahlak däpleri esasynda, watançylyk we zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemäge ýardam edýän "Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşine gol çekildi.

Döwlet Maslahatynda kesgitlenen wezipelerden ugur alnyp, döwlet syýasatynyň möhüm ileri tutulýan ugurlary bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň başyny başlan hukuk özgertmelerini durmuşa geçirmegiň çäklerinde milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmäge gönükdirilen kanun taslamalarynyň üstünde işlemek dowam etdirilýär.

Parlamentara gatnaşyklary ösdürmek, kanun çykaryjylyk ulgamynda halkara tejribäni öwrenmek maksady bilen, Mejlisde duşuşyklaryň 24-si geçirildi. Deputatlar degişli ministrlikler tarapyndan halkara guramalar bilen bilelikde kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek meselelerine degişli guralan 100-den gowrak okuw maslahatlaryna gatnaşdylar. Şolaryň 54-si sanly ulgam arkaly geçirildi. Mejlisiň wekilleri daşary ýurtlarda iş saparlarynda boldular.

Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumy hem-de zenanlaryň dialogy geçirildi. Dialogyň çäklerinde halkara derejedäki çäreleriň 9-sy guraldy.

Mejlisiň deputatlary Halk Maslahatynyň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň agzalary bilen bilelikde jemgyýetçilik-syýasy çärelerini hem-de wagyz işlerini geçirip, ilata mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk baýramy mynasybetli geçirilen Döwlet Maslahatynyň we onda kabul edilen çözgütleriň taryhy ähmiýetini düşündirýärler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow berkarar döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmekde ýurdumyzyň kanunçylygyny has-da kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Bu işler döwletimiziň syýasy ulgamyny gowulandyrmakda, ykdysadyýetimiziň binýadyny pugtalandyrmakda nobatdaky ädime öwrüler.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisine gatnaşyjylara ýüzlenip, ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň, dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykan kynçylyklara garamazdan, Garaşsyz Watanymyzyň üstünlikli ösmegini dowam etdirýändigini aýdyň görkezýändigini belledi. Jemi içerki önüm 6,2 göterim artdy. Daşary söwda dolanyşygy, geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda, 40 göterim ýokarlandy. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi 20 milliard manatdan gowrak bolup, 2021-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 13 göterim artdy.

Döwlet Baştutanymyz öňde durýan wezipelere ünsi çekip, şu ýyly gowy netijeler bilen tamamlamak üçin hemmeleriň yhlas bilen işlemelidigini, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda oňyn netijeleri gazanmak we jemi içerki önümiň ösüş depginini durnukly saklamak babatda çäreleri görmegiň zerurdygyny nygtady. Şeýle-de ilkinji nobatda, geljek ýylyň Döwlet býujeti boýunça ýene-de maslahat geçirmek we onuň ähli maddalaryna garamak barada görkezme berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýratyn tapawutlanan saglygy goraýyş işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda Permana gol çekendigini hem habar berdi.

Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň baýramyna gabatlap, Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabynyň 14-nji jildini ýazyp tamamlady. Size bu kitaby Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinden soň gowşurarlar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Mejlisiň barşynda döwlet durmuşynyň beýleki möhüm meselelerine-de garaldy, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşyjylara berkarar Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# АШХАБАДСКИЙ ФОРУМ «ДИЗАЙН-2022» И МЕЖДУНАРОДНАЯ ВЫСТАВКА «ДИЗАЙН БЕЗ ГРАНИЦ»

11 октября в Торгово-промышленной палате открылись Ашхабадский форум «Дизайн-2022» и Международная выставка «Дизайн без границ».

Мероприятие, организованное хякимликом столицы и Секретариатом Национальной комиссии по делам ЮНЕСКО, проводится в рамках деятельности по внесению Ашхабада в Сеть творческих городов ЮНЕСКО в номинации «Дизайн».

В торжественной церемонии открытия выставки приняли участие члены Правительства, главы аккредитованных в нашей стране дипмиссий, представители международных организаций, СМИ.

Официальную часть смотра предварили выступления творческих коллективов столицы, приумножившие праздничную атмосферу мероприятия.

На нынешней выставке свою продукцию и услуги представили индивидуальные предприятия «Çigildem» «Aýbölek», «Ýaşyl Ýyldyrym», «Meşhur interior», «Erjel Begenç» и многие другие.

Товары одной из ведущих экспортно-ориентированных отраслей Туркменистана демонстрируются на стендах Министерства текстильной промышленности. Богатый ассортимент хлопчатобумажных, шерстяных и трикотажных изделий отличают высокое качество и национальный колорит.

Павильоны столичного хякимлика восхищают разнообразием цветов и зелёных саженцев деревьев, украшающих ныне городские парки и улицы.

В контексте девиза нынешнего года «Эпоха народа с Аркадагом» можно увидеть макеты административных и жилых зданий Ашхабада, заслуживающих внимание своими архитектурными решениями и декоративным оформлением, представленных Институтом строительства и архитектуры, Государственной академией художеств, Союзом дизайнеров Туркменистана.

Повышенным интересом посетителей пользуется и стенд Туркменской государственной издательской службы, представляющий печатную продукцию, где особое место отводится произведениям выдающихся национальных классиков, детской художественной литературе, в том числе переводной.

Впервые в международном смотре принимают участие индивидуальные предприятия «Özgertme», «Ýurt taslama», «Eşret Mahabat» и Дом моды «Şekil», занимающиеся архитектурной, рекламной и дизайнерской деятельностью.

Зарубежные участники, дав высокую оценку уровню организации форума «Дизайн-2022», отметили, что межгосударственные отношения, основанные на прочном фундаменте, а также двустороннее и многостороннее сотрудничество, обладающее богатым потенциалом, будут и впредь, динамично и последовательно развиваясь, служить общим интересам.



Интернет газета
Международные новости

## ЗАСЕДАНИЕ ДЕЛОВОГО СОВЕТА «ТУРКМЕНИСТАН–США»

5 ноября 2022 года в режиме видеоконференции было проведено очередное заседание Делового совета «Туркменистан–США», в рамках которого обсуждались ключевые аспекты двустороннего торгово-экономического сотрудничества.

Во встрече приняли участие члены Правительства, руководители министерств и ведомств Туркменистана, исполнительный директор Совета Эрик Стюарт, посол США в Туркменистане М.Климоу и руководители крупных американских компаний-членов Совета, в частности «John Deere», «Case New Holland», «Boeing», «Exxon Mobil» General Electric, «Coca Cola», «Zeppelin», «Westport Trading Ltd.», «Caterpillar», «Oxbow», «Visa», и других.

В ходе заседания акцентирована необходимость диверсификации экономического партнёрства между Туркменистаном и США, в котором инвестиционному, финансово-банковскому, сельскохозяйственному, нефтегазовому, транспортно- логистическому и технологическому направлениям было уделено особое место.

Состоялся обмен мнениями по организации визита представительной американской бизнес-делегации в Туркменистан до конца этого года.

Подчеркнута значимость Делового совета «Туркменистан - США» в развитии взаимовыгодных связей между двумя странами. Отмечено, что созданный в 2008 году по инициативе Аркадага Гурбангулы Бердымухамедова, Деловой совет стал действенным механизмом налаживания и укрепления отношений между предпринимательскими структурами Туркменистана и США.

Туркменская сторона выразила приверженность Правительства Туркменистана расширению торгово-экономического взаимодействия с бизнес-структурами Соединённых Штатов. При этом был обозначен многолетний позитивный вклад американских компаний в различные сферы туркменской экономики.

Руководство Делового совета, с удовлетворением отметив практику регулярного продуктивного диалога, выступило с инициативой о предоставлении в ближайшей перспективе предложений по новым формам и направлениям сотрудничества.

В рамках заседания между сторонами состоялись десятки онлайн-встреч по различным направлениям туркмено-американского взаимодействия.

## Participation of the delegation of Turkmenistan at the 41st meeting of the General Assembly of the Olympic Council of Asia

On October 3-5, 2022, the delegation of Turkmenistan led by the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan B. Myatiev paid a working visit to Phnom Penh, Kingdom of Cambodia, to participate in the 41st meeting of the General Assembly of the Olympic Council of Asia.

According to the agenda, the reports of the committees of the Olympic Council of Asia and the organizing committees of the Summer and Winter Asian Games were heard. During the General Assembly, the issues of development of sports cooperation in the Asian region, the exchange of best practices in the preparation of athletes, the role of sport in the development of peace, the principles of respect and the expansion of opportunities for social integration, were also discussed. On the sidelines of the meeting were discussed the possibilities of holding major international sporting events in Turkmenistan in the coming years.

Within the framework of the working visit, at the Ministry of Foreign Affairs and International Cooperation of the Kingdom of Cambodia was held a meeting between the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan B. Myatiev and the State Secretary of the Ministry of Foreign Affairs of Cambodia, Mr. Koi Kuong.

During the meeting, the prospects for expanding bilateral relations, in particular the development of trade and economic ties, were discussed. In this regard were considered the possibilities of establishing cooperation between the chambers of commerce and industry, as well as business circles of Turkmenistan and the Kingdom of Cambodia.

Given the rich cultural heritage of the two countries, it was proposed to establish ties in the field of culture and social and humanitarian areas.

In addition, the diplomats expressed the need to expand the legal framework for bilateral cooperation.

## Meeting with the Principal Deputy Assistant Secretary of the Department of State's Bureau of Arms Control, Verification and Compliance

On October 5, 2022, in the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan V.Hajiyev held negotiations with the Principal Deputy Assistant Secretary of the Department of State's Bureau of Arms Control, Verification and Compliance Paul Dean.

Various areas of bilateral cooperation in the field of security were discussed at the meeting.

The parties considered issues on the regional and international agenda, stressed the need to effectively counter modern challenges and threats, and discussed the ways of confidence-building measures in arms control, as well the fulfillment of international obligations in this area.

Particular attention was paid to bilateral cooperation through various international and regional organizations.

Along with this, an exchange of views took place on topical issues of regional and international issues of mutual interest.

## DELEGATION OF TURKMENISTAN PARTICIPATED IN THE 41ST SESSION OF THE ICAO ASSEMBLY

The Permanent Representative of Turkmenistan to the International Civil Aviation Organization (ICAO) M.Orazov participated in the 41st Session of the ICAO Assembly, which takes place in Montreal, Canada, from September 27 to October 7, 2022.

During the sessions member states and representatives from international organizations discussed the ICAO's priorities, supporting the increased sustainability and digitalization of 21st century air transport.

The Government of Turkmenistan supports the close cooperation with ICAO in the framework of the National Program of Development of Civil Aviation of Turkmenistan for 2012-2030. Turkmenistan in close cooperation with ICAO prioritizes the highest possible standards for national as well as international aviation, and make air transportation safer and more secure.

Turkmenistan attaches great importance in ensuring sustainable development of transport at the international level. In this context, mention should be made of the UN General Assembly resolutions "On the establishment of transit transport corridors", "The role of transport and transit corridors in ensuring international cooperation for sustainable development", "Strengthening links between all modes of transport to ensure stable and reliable international transport for sustainable development during and after the pandemic coronavirus disease (COVID-19)" initiated by Turkmenistan.

## *Встреча в МИД Туркменистана с делегацией Азиатско-Тихоокеанского Форума*

4 октября 2022 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Вепа Хаджиева со специальной делегацией Азиатско-Тихоокеанского Форума по оценке потенциала Аппарата Омбудсмена Туркменистана.

В ходе встречи были обсуждены вопросы, связанные с расширением международного сотрудничества в области прав человека. В этой связи было обозначено активное взаимодействие Офиса Уполномоченного представителя по правам человека Туркменистана - Омбудсмена с авторитетными международными структурами, в частности, ООН и ее соответствующими специализированными учреждениями, а также ОБСЕ.

Туркменская сторона проинформировала об отличительной деятельности Аппарата Омбудсмена Туркменистана, результатах, достигнутых за период его существования. Также озвучены необходимые меры для совершенствования и укрепления потенциала Аппарата Омбудсмена страны, в целях более эффективного выполнения своего мандата.

## *Türkmenistanyň wekiliýetiniň II Hazar ykdysady forumyna gatnaşmagy*

2022-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Moskwa şäherinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Hojamyrat Geldimyradowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti Ikinji Hazar ykdysady forumyna gatnaşdy.

Forumyň umumy mejlisiniň çäklerinde hazarýaka ýurtlarynyň arasynda energetika, söwda we maýa goýumlary, ulag we logistika, «ýaşyl» ykdysadyýet we durnukly ösüş, telekeçilik işi, ylym we innowasiýalar, amatsyz sanitariýa-epidemiologiki ýagdaýlaryna garşy göreşmek ýaly birnäçe ugurlar boýunça hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Gepleşikleriň dowamynda 2019-njy ýylda Türkmenistanda geçirilen Birinji Hazar ykdysady forumynyň ähmiýeti barada bellenildi.

Forumyň çäklerinde hazarýaka ýurtlarynyň pudaklaýyn edaralaryndaky kärdeşlere sebitleýin ykdysady ösüşiň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşmaga mümkinçilik beren birnäçe tematiki meýdançalar we tegelek stollar gurnaldy. Ykdysady gatnaşyklaryň sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmagyň görkezijisi hökmündäki orny barada aýratyn nygtaldy, şeýle hem Hazarda hyzmatdaşlygyň hukuk esaslarynyň berkidilmeginiň zerurdygy bellenildi.

Mundan başga-da Forumyň dowamynda hazarýaka döwletleriniň Söwda-senagat edaralarynyň "Işewür Hazar" atly Işewürler hyzmatdaşlygy boýunça Halkara geňeşiniň mejlisi geçirildi.

## Türkmen-Katar hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary maslahatlaşyldy

2022-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary B.Mätiýewiň Katar Döwletiniň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň işleri wagtlaýyn ynanylan wekili Muhammed Meshel Al-Otaibi bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň barşynda diplomatlar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary ara alyp maslahatlaşdylar.

Döwletara gatnaşyklary ösdürmekde iň ýokary we ýokary derejedäki saparlaryň örän uly ähmiýetiniň bardygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň Katar Döwletine saparynyň amala aşyrylmagynyň mümkinçilikleri maslahatlaşyldy.

Şeýle hem, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň şertnama-hukuk binýadyny has-da giňeltmegiň zerurdygy nygtaldy.

Mundan başga-da duşuşygyň dowamynda söwda-ykdysady we maýa-goýum hyzmatdyşlygyň ilerledilmegi bilen bagly meseleler maslahat edildi.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Туркменская делегация приняла участие в заседании Межправительственного совета по сотрудничеству в строительной деятельности*

Делегация Туркменистана приняла участие в XLIII заседании Межправительственного совета по сотрудничеству в строительной деятельности государств-участников Содружества независимых государств в Казани. Мероприятие проходило в гибридном формате рамках II Международного строительного чемпионата.

Делегаты отметили огромный потенциал стран Содружества в строительной отрасли, способствующим укреплению международного сотрудничества.

### *Делегация Туркменистана приняла участие во II Каспийском экономическом форуме*

6 октября в Москве туркменская делегация во главе с Заместителем Председателя Кабинета Министров Туркменистана Ходжамыратом Гельдимырадовым приняла участие во Втором Каспийском экономическом форуме.

В рамках пленарного заседания Форума были обсуждены перспективы развития сотрудничества между прикаспийскими странами по таким направлениям, как энергетика, торговля и инвестиции, транспорт и логистика, «зеленая» экономика и устойчивое развитие, предпринимательская деятельность, наука и инновации, противодействие неблагоприятным санитарно-эпидемиологическим ситуациям.

### *В Дипломатической академии Вены прошел туркмено-австрийский диалог о сотрудничестве*

30-летие дипломатических отношений Австрии с Туркменистаном отметили в Дипломатической академии Вены – во вторник здесь был организован круглый стол, посвященный круглой дате со дня подписания странами совместного коммюнике 16 октября 1992 года.

Мероприятие было организовано посольством Туркменистана в Австрийской Республике, участие в нем приняли руководители Министерства европейских и иностранных дел , Федеральной палаты экономики Австрии, члены правления Австрийско-Туркменского Общества.

### *Туркменистан и ПРООН реализовали проекты в области здравоохранения на $100 млн*

Правительство Туркменистана совместно с ПРООН реализовало различные проекты в области здравоохранения на общую сумму 100 миллионов долларов США.

Об этом в рамках сессии «Роль туркменской дипломатии в международных отношениях» Международной конференции по здравоохранению в Ашхабаде рассказал Заместитель постоянного представителя ПРООН в Туркменистане Томица Паович, сообщает официальный аккаунт Представительства ПРООН в Туркменистане.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***